# Noýbajyklarym!

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Noýbajyklarym! NOÝBAJYKLARYM!




Jemgyýetçilik synpy sowat ýa-da sowatsyzlyk bilen gurlan, ykdysadyýete we dine esaslanýan kasta sistemasydyr. B.e.öñ 200-nji ýyllarda birinji gezek Hindistanda ýüze çykan Warna sistemasy bilen adamlary statusyna we reñklerine görä «açyk» we «goýy» reñklilere böldüler.




Mukaddes ýazgylary şerh edýän din adamlary birinji ýerde durýardy. Olardan soň hökümdarlar, wezir-wekiller, söwdagärler bar. Işçiler we gullar bolsa iň soňky topara girýärdi. Birem hiç bir synpa alynmaýan, ýöne eldegrilmesizler synpy bardy. Eldegrilmesizler diýlende, göz öňüňize demokratiýalarda jemgyýetiň sesi bolmaga garaşylýan deputatlaryň eldegrilmesizligi gelmesin. Olar sözüň doly manysynda «zyňyndylar»…




**«Zyňyndylar» (şudralar) özünden göwnihoş**

Haksyzlyklara gaharlanylanda «Eşek bolsaň arkaňa gaňňa zyňan

köp bolar» diýen bir söz aýdylýar. «Zyñyndylaram» bir eşek we bir it saklap bilipdir. Olaryñ wezipesi eýesiz ölüleri ýuwmak bolup, ölülerden galan eşiklerden başga eşik geýmek gadagan edilipdir. Mal-mülkleri bolmandyr, hatda gijelerine köçä çykybam bilmändirler. Şäherde ýaşamak gadagan edilipdir.




XXI asyrda sany 200 milliondan geçen «zyñyndylar» häzirem bar we olar öz durmuşlaryndan diýseñ hoşal. Hiç kim olary adam şekilli ýaşamak üçin sesini çykartmaga razy edip bilmeýär. Çünki buddist ruhanylary olaryñ gözgyny ýagdaýlaryny Hudaýyñ emri ýaly mukaddesleşdirendigi üçin birem ýaşaýan durmuşlary,

garyplyklary hakda pikir etmeýärler.




- **Kakamyñ jany sag bolsun**

Sosiologiýanyñ öwrenýän ugry jemgyýetçilik synplara soñky 23 ýylda ýurdumyzda «Kakamyñ jany sagbolsun» synpam goşuldy. «Kakamyñ jany sagbolsunlar» «Upper Class» diýilýän kökli maşgaladan çykan, baýlardan we sowatlylardan ybarat jemgyýetçilik synpyna göz dikipdi. AKP-lilerem şu synpa girmäge höwesek bolmak birlikde olary ýok etmek üçin söweş yglan etdi. Birem «Corporate Class», ýagny «Bileleşen synplar» bar. Hüküm edýänler döwletiñ maly-mülki, ýeri, hanasy,

hammamy, nämesi bar bolsa bileleşen synplara bikanun ýollar bilen paýlaşdyrýar. Taslamalary, ýerleri bölüp bermek bilen holdingleri (kompaniýalary) guryar. Başlyk bu ýerde diñe amanat berlen zada gözegçilik edýän tarap bolup çykyş edýär. «Hakyky başlyk kim?» diýip soralmazlygy üçin hili pes bilim arkaly düşünmek-pikir etmek ukyby ele salnyp, göýdükleşdirilýär.




- **Din doganlarym**

Maddy barlyga we ýokluga esaslanýan b.e.öñki döwürden galan bu kasta sistemasy halkyñ gözüni dünýä nygmatlaryna dikmegini islemeýär. Birden jemgyýet aýaga galjak bolsa, dymdyrmak üçin şobada (az sanly adamlara elýeterli) komfort ýaşaýyş-durmuş şertlerini din bilen mukaddesleşdirýän ruhanylar ara düşýär. Emeli añyñ dini dogmatlary syryp-süpürip zyñan döwründe, bizde-de güýjüni dinden we syýasatdan alýan Din işleri ministri bar. Aç-açan aýtmaga heniz ýürek etmese-de režime garşy çykýandygy bildirýär. Eýeläp oturan wezipesi üçin Atatürke minnetdar bolmalydygyny ýatdan çykarýar. Şeýhulyslam edasy bilen donuny süýräp çykýan münberinde gün geçdigisaýy dozasyny artdyryp, respublikan döwlet gurluşyna pitjiñ atýar. Gözleri nemli «din gardaşlarym» diýip söze başlap, bol-elin ýaşaýyşdan, baýlyga kowalaşmakdan gaça durmagy ündeýär.




“yüro 30 tl...”

kitapoy.ru

- **Görgüli çagajyklar**

Dini işler ministri Ali Erbaşyñ respublikan döwlet gurluşynyñ döreden mümkinçilikleri saýasynda okap bilim alyp, iñlis dili mugallymasy bolan gyzy Feýza Erbaş soñky günlerde göze ildi. Görgülijik üç çagasynyñ ikisini on bäş ýurda aýlapdyr. Üçünjisi üçinem «Gynanma, noýbajygym, ýewro 30 lira bolaýdy-da…» diýip, ýurt gezdirip bilmeýänine instagramda ahmyr edýär. AKP-niñ «kakamyñ jany sagbolsun» synpyndan üçünji arka nesil «noýbajyk» synpyny emele getirdi.




Ýogsam bolmasa, düýn göti arlykly 2-3 ýaşly bu täze noýbajyklaryñ atalarynyñ edeni bolýardy! Ogul-gyzlaryny wekil belläp, Ýokary Halk Mejlisine saldylar. Holdingler gurup, çagalaryny başlygyñ kürsüsine oturtdylar. Ýelden ýüwrük awtoulaglary bar, kottežleri, willalary, daçalary bar. Dünýäden bihabar mesler bazarda tomsuñ ortaky aýy täze noýbanyñ kilesiniñ 80 lira bolandygyny bilenoklar!




- **Ak-päk synplar**

«Ak türkler» diýip aýdyla-aýdyla häkimiýet başyna gelen AKP öz kasta sistemasyny gurdy. Jemgyýet Warna kasta sistemasyndaky ýaly gara-aklaşdyryldy. Ýeri gelende aýdaýyn, onuň «kakajanym, kakajanym» diýip özelenip duran ogly döwlet ýolbaşçysy kwotasyndan Garwardda okady. Gyzyny magistratura kabul etmedik hetdini bilmez (!) Bosfor uniwersitetiniň 160 ýyllyk ylmy-intellektual tejribesi ýeke gol bilen bolmadyk ýaly edildi. AKP-niň nesilleri ýyllyk çykdajysy 500 müň liradan geçýän, bilimi iňlis dilinde berýän halkara derejeli kolležlerde, gapysynyň agzynda janpenalar goýup okaýar.




Geleliň ýurdumyzyň hakykatlaryna: ýedi aý öň Statistika instituty 2022-nji ýylyň jemleri boýunça Çagalar maglumatnamasyny çap etdi. Kämillik ýaşyna ýetmedik işçi çagalaryň sany iki milliona ýetipdir we 578 çaga iş üstünde ölüpdir, ölüpdir! Türkiýede 7.5 million çaga, ýagny her üç çagadan biri aç ýatyp-turýar! Noýbajyklaryň üç çagasyndan biri ýurt gezip, dünýäň hezilini görmände näme!
Sultan UÇAR.

«SÖZCÜ» gazeti, 28.07.2023 ý. Publisistika